# Utulan utýar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Utulan utýar UTULAN UTÝAR



*«Utýan adam özüni dünýä uýgunlaşdyrýar, utulýan adam bolsa dünýäni özüne uýgunlaşdyrýar. Şoñ üçinem ähli öñegidişlik utulýana baglydyr»*
Ýaş kärdeşim bilen bile işleşmegi gürleşmek üçin maña kafede randewu berdi. Belli bir wagtdan soñ onuñ barmenler bilen örän içgin gürleşýändigini gördüm. Men olary öñ tanap-tanamaýandygyny soradym, ol okuwy gutarmanka üç ýyl şu ýerde işländigini aýtdy.
Liwandaky talyplaryñ köpüsi indi okuw çykdajylaryny şular ýaly işlerde işläp töleýärler.
Öñler garyp-gasaryñ işi hasaplanýan we o diýen halanmaýan kär indi terbiýe almagyñ ýoluna öwrüleni bäri kadalaşdy.
Işleriñ baha berlişindäki bu düzgýn bozulma Beýrutdaky

Amerikan uniwersitetinde başlady we bu ýokary okuw jaýy-da muny ABŞ-daky ýokary okuw jaýlaryndan nusgalady. Bu ýalňyşlygyň işiň hilinde däl-de, sowatsyzlykdadygy düzgünini ornaşdyrdy.
Häzir doktor Filip Salem dünýäniň iň tanymal düwnük hünärmenleriniň biridir.
Eger ol Beýrut Amerikan uniwersitetiniň kafeteriýasynda işlemäge utanan bolsa, şol uniwersitetiň fakultetine girip bilmezdi.
Mundan çärýek asyr öň Omana barypdym.
Şonda Oman soltanlygynyň diňe syýasy sýurprizler bilen doly däldiigini, aýal-gyzlaryň otellerde-de işleýändigini gördüm.
Saud zenanynyň güzeranyny işläp dolamagy-fa indi adaty zada öwrüldi.
Işleýän aýal-gyzlar hakykaty indi diňe Müsür ýaly ýurtlaryň jemgytetine mahsus däl.
Indi hiç kim «suwçy» sözüniň ýerine «kanalizasiýa inženeri» diýen ýaly gülkünç metaforalar bilen işini gizlejek bolup duranok.
Dellekmi dellek, kuafor däl.
Indi hiç kim süpürijileriň adyny «zibil ýok ediji işgär» diýip tutanok.
Gysgaça aýdanda, bu arassa kärler zähmetkeş synplaryň statusyny däl-de, bilim derejelerini, adamlaryň kämilleşmegini we mümkinçilikleriň giňemegini üýtgetdi.
Meşhur satirik ýazyjy Jorj Bernard Şounyň teoriýasynyň dogrudygyny pikir edýärin:
«Utýan adam özüni dünýä uýgunlaşdyrýar, utulýan adam bolsa dünýäni özüne uýgunlaşdyrýar. Şoň üçinem ähli öňegidişlik utulýana baglydyr».

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist-ýazyjy.

Anna, 07.06.2024 ý. Publisistika